# Adatdan daşary filosof Oşonyñ ömri we sözleri

Category: Filosofiýa,Kitapcy,Psihologiýa,Sözler
написано kitapcy | 24 января, 2025
Adatdan daşary filosof Oşonyñ ömri we sözleri ADATDAN DAŞARY FILOSOF OŞONYÑ ÖMRI WE SÖZLERI




Adatdan daşary şahsyýet bolan we Bhagwan Şri Rajniş ady bilenem tanalýan Oşo din, pelsepe, psihologiýa we adamzady gyzyklandyrýan başga-da birnäçe ugurda dürli-dürli tradision ýörelgeleri düýbünden sarsdyryp taşlan düşündirişleri bilen uly gyzyklanma we seslenme döretmegi başarypdyr.
Oşo dünýä taryhynyñ ýaşap geçen iñ köpugurly şahsyýetleriniñ biri bolsa gerek.
Dünýäniñ adatdan daşary filosofy, başgaça ady bilen «prowokator mistik, asy ruh» hökmünde tanalýan Oşo 1931-nji ýylyñ 11-nji dekabrynda Hindistanda dünýä inýär.
Ol çagalygynyñ ýatdan çykmajak ýakymly gözelligini biri-birilerine çuññur söýgi bilen garaýan ene-atasynyñ döreden mähirli maşgala şertine baglanyşdyrýar. Ýañy ýedi ýaşyndaka

atasynyñ ölümi onuñ içki dünýäsinde harasat turuzýar. Ine, ol hut şu wakadan soñam aýdyñlanma döwrüniñ başlandygyny aýdýar.
Ýigrimi bir ýaşynda pelsepe ugrundan bilimini tamamlan Oşo Jabalpur uniwersitetinde birnäçe ýyllap filosofiýadan okadýar. 1966-njy ýylda öz arzasyny ýazyp professorlygyndan we işinden gidýänçä syýahatlara çykýar. Hindistany garyş-garyş gezip, nutuklar bilen çykyş edýär we halk köpçüligine açyk çekişmelerde sözünden çykylmaýan dini liderlere garşy gidýär. Dini ynançlar bilen birlikde seks, Gandi, sosializm, ortadoks induizm ýaly düşünjeleriñ üstünde durup geçýän Oşo adamlara erkinlige meditasiýa ýoly arkaly nädip ýetip boljakdygyny hut öz mysalynda görkezip bilipdir. Ol öz durmuşyny pursatyñ zamansyz ölçeginde ýaşamagyñ gapysyny açan adamdyr. Ýöne ol özüni hakyky ekzistensialist hasaplapdyr. Ýetmişinji ýyllarda Hindistanyñ Aşram diýilýän ýerinde müritleri bilen bile kommuna durmuşynda ýaşap başlapdyr.
Ruhanyýete alaýazlygy-şadyýanlygy getiren, ähli ynanç we dini doktrinalara garşy syýasatçylar babatda bolşy ýaly ruhanylaryda tankytlapdyr. Ol adamzat taryhyna dahylly ähli mistiki we dini taglymatlar boýunça çuññur bilimi arkaly döräp biläýjek islendik sowala jogap berip bilipdir.
Spontan (birdenkä, duýdansyz) hereketleri, şadyýana gülküsi, ýüzlerçe allegorik hekaýatlar bilen bezelen otlukly beýan edişi we döwürdeş adam üçin täzelenen meditasion tilsimleri bilen dünýäniñ çar künjünden gelen we sannýasin adyny beren ýüz müñlerçe müridi ýanyna çekdi. Özüne mahsus pelsepesini we meditasion tilsimlerini kämilleşdirip, bulary dünýäniñ dürli ýerinde adamlar bilen paýlaşyp geçiren Oşo ähli adatdan daşary taraplary bilen giñ gatlaklar tarapyndan oñlanypdyr we eden çykyşlary ýazgy edilip, häzirki wagta çenli kitap görnüşinde ýaýradylyp gelinýär.
Oşo üçin spiritual kämilligiñ maksady samadhi, ýagny, aýdyñlanmakdy. Oşo ölýänçä gelip-geçen ähli dinleriniñ köküniñ birdigini, aradaky çaprazlyklaryñ wagt, ýer we medeniýet dürli-dürliliginden gelip çykýandygyny öñe sürdi. Oşo üçin adam absolýut güýje çokunmazdan ötri özüni tanamaga borçludy. Jennet patyşalygyny diñe adamyñ öz içinden tapmak, şony mukaddesleşdirmek, gündelik durmuşyñ bilen baglanyşdyrmak gerekdi. Şoña görä hem durmuş çözgüdine garaşýan problema dälde, ýaşalmagy wajyp hikmetdir.
Oşo 1981-nji ýylda saglygyna seretdirmek üçin ABŞ-na gitdi we

Oregon ştatynda müritleri tarapyndan alynan mülkde kommuna durmuşynda ýaşamaga başlady. Müritleri oňa togsan sany «Rolls Royce» satyn aldy. 1985-nji ýylda Oşo kommuna durmuşyny ýola goýandygy bilen birlikdr terrorçylykda we galphorlykda aýyplanyp, 12 gün tussaghanada ýatandan soň, paty-putusy arkasyna ýüklenip ABŞ-dan kowlupdyr. Oşonyň hetdenaşa seks rituallary we neşe serişdelerini ulanyp geçirýän şüweleňleride onuň ýurtdan çykarylmagyna belli bir derejede sebäp bolupdyr. Ne-hä seks babatdaky çemeleşmeleri, ne-de meditasiýany çilim çekme derejesine düşüren Oşo tilsimleri bu syrly taglymatyň at-owazasyny pese düşürip bilmeýär.
«Meniň sözlerimden hudawylyk gözleýänlere aýtjak ýekeje sözüm: sözlerim degişmeden ybaratdyr. Men ýaşaýşa şadyýanlyk goşmak üçin geldim» diýse-de, Oşonyň döreden özboluşly tilsimlerini ýerine ýetirýän köp sanly sungat işgäri, psihistrist we köp sanly mïrit häli-häzirem oňa gyşarnyksyz eýerýär.
Oşo 1990-njy ýylda ýüregagyry zerarly aradan çykypdyr.
Onuň şugadar söýülmeginiň, pikirleriniň we meditasiýa tilsimleriniň halanmagynyň iň esasy sebäpleriniň birem – biziň iň çynlakaý seredýän meselämizi-de heneklere ýugrup gürrüň bermegidir. Onuň bu çemeleşmesi adamlarda hem-ä kabul etme aňsatlygyny, hemem içkileşdirmekde ýeňilligi döredipdir.
Oşo adamlaryň aslyýetinde bagtly bolmak üçin ýaradylan akyllybaşly jandarlardygyny we munuň üçinem her dürli ukyp-başarnyga eýedigini aýdýar. Bagtly adamy alamatlandyrýan ähli sypatlar bedeni we aňy sazlamak üçin bar. Bular hemişe şol ýerde. Oşonyň pikiriçe ony eliňi uzadyp alaýmak galýar.
Geliň, indi bolsa, Oşonyň kitaplaryndan alynan jümlelere göz aýlalyň:
– *Adamzadyň iň düýpli meseleleriniň biri şudur. Bu iňňän düýpli mesele. Aşyk bolan mahalyň hemme zat gözel bolup görünýär, çünki şol wagt hiç hili şert goýaňok. Iki adam hiç hili şert goýmazdan, bilelikde hereket edýär. Biri-birlerine gözleri öwrenişensoň, garşylyklaýyn şertler impozirlenmäge başlanýar. «Eýle bol, beýle bol, diňe şeýdende söýerin…» we ş.m. Hamala söýgi algy-bergidir öýdýärler.*

– Tüýs ýüregiň bilen söýeňok, şert goýýaň. Söýginiň şerti hökmünde beýleki adamy bir zat etmäge mejbur etmek isleýärsiň. Tersine bolanda söýgiňe hyýanat etjegiňi aýdýarsyň. Bu

ýagdaýda söýgini jeza ýa-da zorlukly çäre hökmünde ulanýarsyň, emma söýeňok. Ýa söýgiňi yza tesdirýärsiň, ýa berýärsiň. Emma iki ýagdaýda-da maksat söýgi bolanok, başga zat bolýar.

– Adamlar meniň ýanyma gelip, hemişe «Aýalym meni söýenok» diýýär. Hiç kim gelip «Men aýalymy söýemok» diýýär. Söýgini hökmany talaba öwürdiler. Özgäni unut, söýgi şeýle bir gözel duýgy welin, söýýäne bagtyýarlyk berýär.

– Näçe artyk söýseň, şonça-da söýülmäge mynasyp bolarsyň. Näçe az söýseň we başgalaryň seni söýmegini talap etseň, şonça-da az söýlersiň, daş-töweregiňe barha tutuksy bolup başlarsyň, egonyň içinde demigip galarsyň we sähel zady özüňe çekersiň, biri saňa söýmek üçin golaýlaşjak bolsa gorkarsyň. Çünki her söýgide ret edilme we yza çekilme ähtimallygy bar.

– Durmuşyň özbaşyna manysy ýok. Durmuş many döretme mümkinçiligidir. Manynyň açylmagy däl-de, döredilmegi gerek. Manyny diňe ýaradanda taparsyň. Ony çöp-çalamyň aşagynda däl. Ýagny sagyňa-soluňa seredeňde, sermeneňde tapylanok. Ol keserip diran gaýa däl. Ol ýazylmaly şygyr, aýdylmaly aýdym, edilmeli tansdyr.

– Dünýäde näme boljagyň hakda belli bir pikiriň bolmazdan ýaşa. Utmagyň, utulmagyň hiç hili gymmaty ýok. Ölüm hemme zady senden alýar. Utmagyň ýaly utulmagyň maddy zat däl. Möhüm bolan ýeke-täk zat – oýuny nädip oýnanlygyňdyr. Oýun göwnüňe ýaradymy? Onda her pursat bir joşgun pursaty.

– Dünýä eýemsiremek üçin däl, ulanmak üçindir. Elimiz boş gelýäris we boş el bilenem gidýäris, şonuň üçin hiç zada eýelik etjek bolup durmagyň manysy ýok.

– Diňe ekzistensial üçin wagt tapan her pursatyňyzda ähli işleriňizi taşlaň. Oýlanmagam özbaşyna işdir, ünsüňizi güýçlendirmegem… Eger bir pursat hiç zat etmän bütinleý özüňize üns berseňiz, bu eýýäm meditasiýadyr. Bir gezek bu ukyby edinseňiz, şeýle ýagdaýda isleýşiňizçe galyp bilersiňiz. Ahyrynda her gün ýigrimi dört sagatlabam şeýle ýagdaýda bolup

bilýärsiňiz.

– Düşünilmegi wajyp örän az düýpli zatlar bar. Ilkinji nobatda bir erkek bilen bir aýal bir tarapdan biri-biriniň ikä bölünen ýarsydyr, beýleki bir tarapdanam garşydaş kontingentlerdir. Garşydaş bolmalary olary biri-birine ymtyldyrýar. Biri-birlerinden näçe daşda bolsalar, aralaryndaky dartyş güýji şonça artýar. Biri-birlerinden näçe tapawutly bolsalar, gözellik we özüneçekijilik şonça güýçli bolýar. Emma ähli mesele şol ýerde ýatyr. Ýakynlaşan wagtlary hasam ýakynlaşaslary gelýär, biri-birleriniň içine siňip gidesleri, bir bitewi ruha öwrülmek isleýär, emma ähli özüne çekijiligi garşydaşlyga esaslanýar, utgaşyk bolsa garşydaşlygyň soňlanmagyna esaslanýar.

– Özüňi özüň kabul edeniňde gözelleşersiň. Öz bedeniňden keýp alanyňda başgalara-da keýp berersiň. Şeýtseň saňa aşyk boljak adamyň hetdi-hasaby bolmaz. Çünki sen özüňe aşyk ahyry. Aýdaly, sen häzir öz-özüňe gaharly. Olar saňa ýakynlaşanam bolsalar, bolşuňy syzan batlaryna senden daşlaşyp başlarlar.

– Kalba barýan ýol gözel, emma howply. Aňa barýan ýol adaty, emma ygtybarly. Erkek iň ygtybarly we ýakyn ýaşaýyş formasyny saýlap alýar. Aýal duýgularyň, ruhy ahwallaryň iň gözel, emma iň kert, iň howply ýoluny saýlap alýar. Häzire çenli dünýäni erkekleriň dolandyrýandygy üçin aýallar aňrybaş şekilde azap çekip geldiler.

– Beýniň çep ýarymşary saňa hökmürowanlyk etmäge dowam etse, durmuşyň diýseň rowaç bolar, edeniň şeýle bir ugruna bolar welin, kyrk ýaşyňa geleňde ýazwa bolarsyň. Kyrk-kyrk bäş ýaşanyňda azyndan bir ýa iki gezek infark geçirersiň. Ellä ýeteniňde öli hala gelersiň, emma edeni ugruna bolýan öli. Uly alym bolubam bilersiň, emma hiç haçan beýik barlyk bolup bilmersiň. Dokuzyňy düzläp, ýeterlik baýlygam toplap bilersiň, emma gadyr-gymmaty bolan hemme zadyňy ýitirersiň.

– Adamlary söýmegiň ýeke-täk ýoly bar, olam olary öz bolşy

ýaly söýmekdir. Hakyky gözelligem şunda, olary bolşy ýaly söýeniñde, olar özgererler. Saña görä däl, olar öz hakykatlaryna görä özgererler. Olary söýeniñde olar özgerişi başdan geçirerler. Olar täzelenerler, olar barlygyñ täze belentliklerine ýeterler. Emma bu olaryñ barlyklarynda bolup geçer, bu olaryñ öz dogabitdi ýasawyna görä bolar. Adamlara tebigy bolmaklary üçin ýardam et. Adamlara erkin bolmaklary üçin ýardam et. Adamlara özleri bolmak ücin ýardam et. Hiç haçan hiç kime zorluk ulanma, itip-ýykmaga we höküm etmäge çytraşma. Bular egonyñ edähetleridir.

Ferýal ÇEWIKÖZ.

«Aktivist» žurnaly, 2016 ý.

Terjime eden: Has TÜRKMEN. Filosofiýa